# Birinji jahan urşunyñ «gahrymany»: Frans Ferdinand

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Birinji jahan urşunyñ "gahrymany": Frans Ferdinand **Taryhyñ akymyny üýtgedenler**




BIRINJI JAHAN URŞUNYÑ «GAHRYMANY»: FRANS FERDINAND
*Ersgersog Frans Ferdinandyñ ady «ganym jahan uruşynyñ, iki ýyl öñ Saraýewoda gaýtadan başlan Balkan uruşynyñ we öñden belli iñ hapa görnüşi bilen gassaplar üçin teatra öwrülen uruşyñ» birinji uçgunyna dahylly boldy.*
*Awstriýanyñ ersgersogy Frans Ferdinanda garşy gurnalan kast edişlik «Domenica del Corriere» italýan gazetinde şeýle suratlandyrylypdy, 12.07.1914 ý. Surat: Wikipedia*

Saraýewoda janyna kast edilmegi Birinji jahan uruşynyñ turmagyna sebäp bolan Awstriýanyñ ersgersogy Frans Ferdinandyñ luknany Wiktor Eýzenmenger ersgersogyñ Awstriýada iñ halanmaýan adamlaryñ biri bolandygyny, emma halamakda bolşy ýaly, halamazlykda-da adamlary günäkärläp bolmajakdygyny aýdýar.

Lukman ersgersogyň Müsüre saglygyny bejertdirmek üçin giden gezeginiň jikme-jikliklerini gürrüň berýär.
Onuň ejizje adamdygyny we käbir wagtlar juda gorkak bolýandygyny aýdan lukman Nil derýasynda gämä münmekden ýüz öwrendigini aýdýar.
Ol şolar ýaly dereje ýigrenilipdir welin, eger şypa tapyp dagy ýurduna gaýdyp gelmese, Awstriýa hezil edäýjek eken.




*Ersgersog Frans Ferdinand / Surat: Wikipedia*
Şeýle-de, lukman ersgersogyň janyna kast edilmeginiň uruşyň iň esasy sebäpleriniň biri bolandygyny aýdýar.
Aslynda uruş haçan tursa turaýmalydy we hemme ýurtlar söweşjeň ýagdaýda durdy.

Awstro-Wengriýa imperiýasy nemesleriñ täsirini Balkanlaryñ üsti bilen Ýakyn Gündogara giñeltmäge taýýarlapdy.
Şol sebäpli nemesler we awstriýalylar Berlin bilen Bagdadyñ arasynda demirýoluny gurmaga başlapdyr.
Beýleki bir tarapdan Awstriýanyñ mirasdüşer şazadasy ersgersog Ferdinandyñ öldürilmegi tapylgysyz bahanady.
Germaniýanyñ imperatory Wilgelm «ýa şu gün, ýa hiç haçan» diýip, goşunlaryny uruşa çagyrdy.
Serbler ersgersogyñ janyna kast etmekde aýyplandylar.
Bir aýa golaý wagt geçenden soñ Wena Belgrada ultimatum berdi we uruş yglan etdi.
Russiýa umumy mobilizasiýa yglan etse, nemeslerem ruslara garşy uruş yglan etdi.
Nemesler bir günden soñ Fransiýanyñ serhedini geçip, Belgiýa we Lýuksemburga ýöneldiler.




Ýazyjy, publisist Gerbert Jorj Uells Birinji jahan uruşynyñ turmagyny nemesler bilen baglanyşdyrýar we Russiýanyñ goşun

güýçlerini taýýarlap ýetişmänkä ýyldyrym çaltlygynda Fransiýany dyza çökermegi meýilleşdirendiklerini aýdýar.

Nemesleriñ bu meýilnamany birnäçe ýyl öñ taýýarlandygyny aýdýan Uells fransuzlaryñ muny añşyran ýagdaýynda meýilnamanyñ birinji gününden başlap şowsuz tamamlanjakdygyny ýazýar.

Ersgersog Frans Ferdinandyñ ady «ganym jahan uruşynyñ, iki ýyl öñ Saraýewoda gaýtadan başlan Balkan uruşynyñ we öñden belli iñ hapa görnüşi bilen gassaplar üçin teatra öwrülen uruşyñ» birinji uçgunyna dahylly boldy.

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Duşenbe, 11.05.2020 ý. Taryhy şahslar